# Köne bag

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 24 января, 2025
Köne bag KÖNE BAG



Köne bag. Günortan. Düşledik ine,
Gelipdiris munda ýolumyz düşüp.
Bu ýerde artyk söz gelenok dile,
Bolanok hiç zady özüňden goşup.
Egni gysyk agaç, agymtyl asman,

Bezeg ýok. Hemme zat öz bolşy ýaly.
Agaçlar miwe-de getirmändir kän,
Özlerine mähir az bolşy ýaly.

Ozal şaglap çykanynda öňünden,
Sending syrdaş diýen, miwesin dadan.
Bu gün bolsa geçip gidýäň deňinden,
Seniň şu bolşuň dürsmüdir, Adam!

Baharlarda bulut deýin möwç urup,
Guşlar owaz goşan hoşwagt sesine
Bag bu gün yranýar boýnuny burup,
Ýumruk deý tüňçäniň hiňlenmesine.

Diňe şat bolupdyr guran şahalar,
Olar ot içinde alyp dur beleň.
Bir zat göwni dilýär: köne bag galar,
Biz ýene gideris ýolumyz bilen.

Mämmätnazar BABANAZAROW. Goşgular